# TÜRKMENISTANYŇ KANUNY

## Kiberhowpsuzlyk hakynda

(Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2019 ý., № 3, 56-njy madda)
(22.08.2020 ý. № 278-VI; 13.11.2021 ý. № 428-VI Türkmenistanyň Kanunlary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

*Şu Kanun kiber giňişliginde Türkmenistanyň milli bähbitlerini, adamyň we raýatyň hukuklaryny we azatlyklaryny goramagyň guramaçylyk we hukuk esaslaryny kesgitleýär hem-de Türkmenistanyň kiberhowpsuzlygyny üpjün etmekde ýüze çykýan gatnaşyklary düzgünleşdirýär.*

## I BAP. UMUMY DÜZGÜNLER

### 1-nji madda. Şu Kanunda ulanylýan esasy düşünjeler

Şu Kanunda aşakdaky esasy düşünjeler ulanylýar:

1) **elektron kommunikasiýa ulgamlary** (mundan beýläk – kommunikasiýa ulgamlary) – elektron kommunikasiýalary üpjün edýän maglumatlary iberiji, olary alyjylary baglaşdyryjy ýa-da ugurlaşdyryjy ulgamlar, enjamlar we beýleki gorlar (şol sanda simli, radio, optiki ýa-da beýleki elektromagnit serişdeleriniň kömegi bilen signallary ibermäge mümkinçilik berýän işjeň däl torlaýyn elementleri, öýjükli, hemra aragatnaşyk torlary, signallary bermek maksady bilen ulanylýan halatynda elektrik simli ulgamlar), şol sanda Internet toruna we (ýa-da) beýleki maglumat iberiji torlara elýeterliligi bolan aragatnaşyk serişdeleri we enjamlary, kompýuterleri, beýleki kompýuter tehnikasy, maglumat-telekommunikasiýa ulgamlary.

**2) kiber giňişligi** – Internet kommunikasiýa kanallarynyň we beýleki telekommunikasiýa torlarynyň, olaryň işjeňligini üpjün edýän ähli tehnologik ulgamlaryň hem-de adamlaryň olary ulanmakda amala aşyrýan islendik görnüşdäki işjeňliginiň (döwlet, gurama, şahsy) jemi esasynda döreýän maglumat giňişligindäki işiň çägi;

**3) kibergorag** – kiberhadysalaryň öňüni almaga, kiberhüjümleri ýüze çykarmaga we olardan goramaga, olaryň netijelerini aradan aýyrmaga, kommunikasiýa, tehnologik ulgamlarynyň durnukly we ygtybarly işleýşini dikeltmäge gönükdirilen guramaçylyk, hukuk, inžener-tehniki çäreleriň, şeýle hem maglumatlaryň kriptografiki we tehniki gorag çäreleriniň jemi;

4) **kibergoranyş** – kiber giňişliginde amala aşyrylýan we döwletiň özygtyýarlylygyny goramagy hem-de goranyşa ukyplylygyny üpjün etmäge, harby howpuň öňüni almaga, Türkmenistanyň ýaragly goranyşyny guramak üçin amatly şertleri döretmäge gönükdirilen syýasy, ykdysady, durmuş, harby, ylmy, ylmy-tehniki, maglumat, hukuk, guramaçylyk we beýleki çäreleriň jemi;

5) **kiberhowplar** – kiber giňişliginde Türkmenistanyň durmuş taýdan möhüm milli bähbitlerine howp salýan bar bolan we bolmagy mümkin hadysalar hem-de sebäpler (faktorlar), şeýle-de olaryň döwletiň kiberhowpsuzlygynyň ýagdaýyna, onuň obýektleriniň kiberhowpsuzlygyna we kibergoragyna ýetirýän ýaramaz täsirleri;

6) **kiberhowplaryň görkezijileri** – kiberhowplary ýüze çykarmak we olara garşy hereketleri amala aşyrmak üçin ulanylýan görkezijiler (tehniki maglumatlar);

7**) kiberhowpsuzlyk** – kiber giňişliginiň düzümine degişli ähli bölekleriniň iň ýokary derejede ýaramaz netijelere getirip biljek howplardan we täsirlerden goralmagyny üpjün etmek şertleriniň jemi;

8) **kiberhowpsuzlyk hadysasy** (mundan beýläk – kiberhadysa) – elektron kommunikasiýa ulgamlarynyň, tehnologik işleri dolandyryş ulgamlarynyň howpsuzlygyna howp salýan, şeýle ulgamlaryň işleýşiniň düzgünleýin tertibiniň bozulmak ähtimallygyny döredýän, şol sanda ulgamyň işiniň bozulmagyna we (ýa-da) bökdelmegine we (ýa-da) onuň çeşmeleriniň ygtyýarsyz dolandyrylmagyna getirýän, (tebigy, tehniki, tehnologik, galp häsiýetli, şol sanda adam faktorynyň täsiri astynda ýüze çykan) we (ýa-da) mümkin bolan kiberhüjümiň alamatlaryna eýe bolan waka ýa-da tötänleýin häsiýetli wakalaryň toplumy;

9) **kiberhowpsuzlyk hadysasy barada maglumatlar** – kiberhadysanyň ýagdaýlary, hususan-da, kibergoragyň haýsy obýektleriniň, haýsy şertlerde kiberhüjüme sezewar edilendigi, ol hüjümleriň kibergoragyň haýsy serişdeleriniň kömegi bilen, şol sanda kiberhowplaryň görkezijileriniň ulanylmagynda haýsylarynyň ýüze çykarylandygy, öňüniň alnandygy baradaky maglumatlar;

10) **kiberhüjüm** – elektron kommunikasiýa serişdeleriniň (şol sanda maglumat – kommunikasiýa tehnologiýalarynyň, programma, programma-enjamlaýyn serişdeleriň, beýleki tehniki we tehnologik serişdeleriň hem-de enjamlaryň) kömegi bilen amala aşyrylýan kiber giňişligindäki ýörite ugrukdyrylan (bilkastlaýyn) hereketler, olar şu aşakdaky maksatlaryň birine ýa-da hemmesine ýetmäge gönükdirilendir:

a) kommunikasiýa we (ýa-da) tehnologik ulgamlarda gaýtadan

işlenilýän (berilýän, saklanylýan) elektron maglumat çeşmeleriniň ýaşyrynlygyny, bitewüligini, elýeterliligini bozmak, şeýle gorlara ygtyýarsyz elýeterliligi almak;

b) kommunikasiýa we (ýa-da) tehnologik ulgamlaryň howpsuzlygyny, durnukly, ygtybarly we düzgünleýin tertipde işjeňligini bozmak;

ç) kibergoragyň beýleki obýektlerine kiberhüjümi amala aşyrmak üçin kommunikasiýa ulgamlaryny, onuň çeşmelerini we elektron kommunikasiýa serişdelerini ulanmak;

11) **kiberjenaýat (kompýuter jenaýatçylygy)** – kiber giňişliginde we (ýa-da) onuň ulanylmagynda jemgyýetçilik üçin howply günäli etmiş, onuň üçin Türkmenistanyň kanunçylygynda jogapkärçilik göz öňünde tutulýar we (ýa-da) ol Türkmenistanyň halkara şertnamalary esasynda jenaýat hökmünde ykrar edilýär;

12) **kiberjenaýatçylyk** – kiberjenaýatlaryň jemi;

13) **kiberterrorçylyk** – kiber giňişliginde ýa-da onuň ulanylmagynda amala aşyrylýan terrorçylykly iş;

14) **maglumat infrastrukturalarynyň möhüm obýektleri** (mundan beýläk – möhüm obýektler) – olaryň hatardan çykarylmagy ýa-da işiniň bozulmagy Türkmenistanyň milli howpsuzlygynyň we goranyşynyň, daşky tebigy gurşawyň ýagdaýyna ýaramaz täsir edip biljek, emläge zyýan ýetirip biljek we (ýa-da) adamlaryň janyna we saglygyna howp salyp biljek döwlet edaralary, eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, alyp barýan işi gös-göni tehnologik prosesler we (ýa-da) hyzmatlaryň ýerine ýetirilmegi bilen baglanyşykly, ykdysadyýet we senagat, jemgyýetiň ýaşaýyş-durmuşy we ilatyň howpsuzlygy üçin uly ähmiýete eýe bolan kärhanalar, edaralar we guramalar;

15) **milli elektron maglumat çeşmeleri** – raýatyň, şahsyýetiň, jemgyýetiň we döwletiň durmuş taýdan möhüm jemgyýetçilik isleglerini kanagatlandyrmaga niýetlenen, görnüşine, mazmunyna, şekiline (formasyna), döredilýän wagtyna we ýerine garamazdan, düzüminde maglumat (şol sanda, köpçülige niýetlenen maglumat, döwlet maglumat çeşmeleri we beýleki maglumatlar) bar bolan ulgamlaşdyrylan elektron maglumat çeşmeleri. Elektron maglumat çeşmeleri diýlip, elektron, magnit, elektromagnit, optiki, tehniki, programmaly ýa-da beýleki serişdeleriň kömegi arkaly, sanly ýa-da beýleki maddy däl görnüşde döredilen, ýazylan, işlenip düzülen ýa-da ýatda saklanan islendik maglumata düşünilýär;

16) **milli telekommunikasiýa ulgamy** – döwlet

düzgünleşdirmesini amala aşyrmak bähbitlerinden ugur alyp, milli elektron maglumat çeşmeleriniň dolanyşygyny (maglumatlaryň berilmegini, kabul edilmegini, döredilmegini, gaýtadan işlenilmegini, saklanylmagyny) we goragyny, elektron kommunikasiýalaryň goraglylygyny üpjün etmäge, häzirki zaman goragly maglumat-kommunikasiýa hyzmatlar toplumyny bermäge niýetlenen, adatdan daşary we harby ýagdaý şertlerinde hem-de aýratyn döwürde onuň çeşmeleriniň belli bir böleginiň beýleki sarp edijiler üçin hyzmatlary ýerine ýetirmek, şol sanda kibergorag üçin ulanylmagynda ikimaksatlaýyn häsiýetli tor (ulgam) bolup durýan döwlet häkimiýet edaralarynyň we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň, harby we hukuk goraýjy edaralaryň bähbitleri üçin ulanylýan ýörite telekommunikasiýa ulgamlarynyň (torunyň), ýörite aragatnaşyk ulgamlarynyň, beýleki telekommunikasiýa ulgamlarynyň jemi;

17) **möhüm maglumat infrastrukturasy** – möhüm maglumat infrastrukturalarynyň obýektleri, şeýle hem şunuň ýaly obýektleriň bilelikde işlemegini guramak üçin ulanylýan elektroaragatnaşyk ulgamlary;

18) **möhüm maglumat infrastrukturasynyň obýektleri** – möhüm maglumat infrastrukturalarynyň subýektleriniň maglumat ulgamlary, maglumat-telekommunikasiýa ulgamlary, awtomatlaşdyrylan dolandyryş ulgamlary;

19) **tehnologik prosesleri dolandyryş ulgamy** (mundan beýläk – tehnologik ulgam) – maglumatlary bermegiň we kabul etmegiň, gaýtadan işlemegiň enjamlarynyň, serişdeleriniň, toplumlarynyň we ulgamlarynyň jemi görnüşindäki awtomatlaşdyrylan ýa-da awtomatik ulgam bolup, ol Internet toruna we (ýa-da) maglumatlary bermegiň beýleki global torlaryna ulgamyň elýeterliliginiň bardygyna garamazdan, guramaçylyk-dolandyryş we (ýa-da) tehnologik prosesleri dolandyryş üçin niýetlenýär.

### 2-nji madda. Türkmenistanyň kiberhowpsuzlyk hakynda kanunçylygy

Türkmenistanyň kiberhowpsuzlyk hakynda kanunçylygy Türkmenistanyň Konstitusiýasyna esaslanýar we şu Kanundan hem-de kiberhowpsuzlygy üpjün etmek babatda gatnaşyklary düzgünleşdirýän Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryndan ybaratdyr.

### 3-nji madda. Şu Kanunyň hereket ediş çygry

1. Şu Kanunyň düzgünleri Türkmenistanyň raýatlarynyň we

beýleki adamlaryň şahsy maglumatlaryny, şeýle-de döwletiň bähbitleri nukdaýnazaryndan maglumat çeşme ulgamlaryny goramakda Türkmenistanyň içeri we daşary syýasatyna, milli howpsuzlygyna, elektron kommunikasiýalara esaslanyp, döwlet we beýleki edaralaryň işi babatda ulanylýar.

2. Şu Kanunyň hereketi döwlet syryny düzýän maglumatlary, olary gaýtadan işlemäge niýetlenen kommunikasiýa we tehnologik ulgamlary goramak bilen baglanyşykly işlere degişli däldir.

**4-nji madda. Kiberhowpsuzlygy üpjün etmekde döwlet syýasatynyň esasy ýörelgeleri**

1. Türkmenistanda kiberhowpsuzlygy üpjün etmek şu aşakdaky ýörelgelere esaslanýar:

1) hukugyň, kanunyň, adamyň hukuklaryna we azatlyklaryna sarpa goýmagyň, olaryň kanunda bellenen tertipde goralmagynyň hökmürowanlygy;

2) Türkmenistanyň milli bähbitleriniň üpjün edilmegi;

3) kiber giňişliginiň açyklygy we goraglylygy, kiber giňişliginde Internet torunyň we beýleki degişli hereketleriň ösüşiniň hem-de elýeterliliginiň durnuklylygy;

4) kiberhowpsuzlygy we kibergoragy üpjün etmek çygrynda döwlet-hususy hyzmatdaşlyk gurallarynyň ileri tutulyp peýdalanylmagy, raýat jemgyýeti bilen giňden hyzmatdaşlyk edilmegi;

5) kiberjenaýatlaryň edilmegi üçin jezanyň gutulgysyzlygy;

6) ýurduň ylmy, ylmy-tehniki we önümçilik mümkinçiliklerini ösdürmegiň we goldamagyň ileri tutulmagy;

7) kiberhowpsuzlygy üpjün etmek we kiberhowplara garşy hereket etmekde bilelikdäki çemeleşmeleri işläp taýýarlamak, kiberjenaýatlary derňemekde we olaryň öňüni almakda tagallalary birleşdirmek ulgamynda özara ynanyşmagy berkitmek, kiber giňişliginiň terrorçylyk, harby, beýleki maksatlar bilen ulanylmagyna ýol bermezlik maksady bilen, halkara hyzmatdaşlygynyň amala aşyrylmagy.

2. Kiberhowpsuzlygy üpjün etmek ulgamyndaky kanunçylygyň ulanylmagy we şu Kanunyň düzgünlerini ýerine ýetirmek maksady bilen, döwlet häkimiýet edaralarynyň çözgütleri kabul etmegi şu aşakdaky ýörelgeleriň berjaý edilmeginde amala aşyrylýar:

1) şu Kanunda bellenen maksatlara we wezipelere ýetmek üçin döwlet häkimiýet edaralarynyň çözgütleriniň (çäreleriniň)

hökmanylygyny üpjün etmek;

2) döwlet edaralarynyň, eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, kärhanalaryň, edaralaryň, guramalaryň, şeýle hem raýatlaryň kiberhowpsuzlygyny üpjün etmek ulgamyndaky ygtyýarlylygyny takyk kesgitlemek;

3) kommunikasiýa ulgamlaryndan peýdalanyjylaryň we (ýa-da) elektron kommunikasiýa we (ýa-da) kibergorag boýunça hyzmatlardan peýdalanýan ulanyjylaryň hukuklaryny, şol sanda şahsy durmuşyň eldegrilmesizligini we şahsy maglumatlaryny goramak babatda hukuklarynyň goraglylygyny üpjün etmek .

**5-nji madda. Kiberhowpsuzlygyň we kibergoragyň obýektleri**

1. Kiberhowpsuzlygyň obýektlerine şular degişlidir:

1) adamyň we raýatyň konstitusion hukuklary we azatlyklary;

2) döwlet, onuň konstitusion gurluşy, özygtyýarlylygy, çäk bitewüligi we eldegrilmesizligi;

3) jemgyýetiň, maglumat jemgyýetiniň we sanly kommunikasiýa gurşawynyň durnukly ösüşi;

4) şahsyýetiň, jemgyýetiň we döwletiň ýaşaýyş-durmuş ulgamlarynyň ählisindäki milli bähbitleri;

5) möhüm obýektler.

2. Kibergoragyň obýektlerine şular degişlidir:

1) milli elektron maglumat çeşmeleri gaýtadan işlenilýän we (ýa-da) döwlet häkimiýet edaralarynyň, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň, harby we hukuk goraýjy edaralaryň bähbitleri üçin ulanylýan eýeçiligiň ähli görnüşlerindäki kommunikasiýa ulgamlary;

2) möhüm maglumat infrastrukturasynyň obýektleri;

3) jemgyýetçilik zerurlyklaryny kanagatlandyrmak we (ýa-da) elektron dolandyryş, elektron döwlet hyzmatlary, elektron täjirçilik, elektron resminama dolanyşygy ulgamlarynda hukuk gatnaşyklaryny amala aşyrmak üçin ulanylýan kommunikasiýa ulgamlary.

3. Möhüm maglumat infrastrukturalarynyň obýektleriniň sanawyny döretmegiň we derejelendirmegiň tertibi, şeýle obýektleriň sanawy we olary möhüm maglumat infrastrukturasynyň obýektleriniň Döwlet sanawyna goşmagyň tertibi, şeýle hem möhüm maglumat infrastrukturalarynyň (şol sanda Türkmenistanyň bank ulgamynda) obýektleriniň Döwlet sanawyny döretmegiň we onuň işjeňligini üpjün etmegiň tertibi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýar.

Türkmenistanyň bank ulgamynda maglumat infrastrukturalarynyň obýektleriniň sanawyny döretmek we onuň işjeňligine gözegçilik etmek boýunça ygtyýarlylyk Türkmenistanyň Merkezi bankynyň üstüne ýüklenilýär.

## II BAP. KIBERHOWPSUZLYGY ÜPJÜN ETMEK BABATDA DÖWLET DÜZGÜNLEŞDIRMESI

### 6-njy madda. Kiberhowpsuzlygy üpjün etmek babatda döwlet düzgünleşdirmesini amala aşyrýan edaralar

1. Kiberhowpsuzlygy üpjün etmek babatda döwlet düzgünleşdirmesi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentligi, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň «Türkmenaragatnaşyk» agentligi, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň «Türkmenaragatnaşyk» agentliginiň ýanyndaky Döwlet kiberhowpsuzlyk gullugy (mundan beýläk – Ygtyýarly edara) hem-de bu ulgamda iş alyp barýan beýleki döwlet edaralary tarapyndan amala aşyrylýar.

2. Ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary, şeýle hem öz işini Türkmenistanyň çäginde amala aşyrýan, hojalyk işini ýöredýän subýektleriň ähli̇si, raýatlar, jemgyýetçilik birleşikleri, milli elektron maglumat çeşmeleri, maglumat elektron hyzmatlary, elektron geleşikleriň amala aşyrylmagy, elektron kommunikasiýalar, maglumatlary goramak we kibergorag bilen bagly işleri amala aşyrýan we (ýa-da) hyzmatlary ýerine ýetirýän beýleki şahslar kiberhowpsuzlygy üpjün etmek ulgamyndaky döwlet işine çekilýärler.

### 7-nji madda. Kiberhowpsuzlygy üpjün etmek babatda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ygtyýarlylygy

Türkmenistanyň Ministrler Kabineti kiberhowpsuzlygy üpjün etmek boýunça:

1) ýeke-täk döwlet syýasatyny kesgitleýär;

2) döwlet maksatnamasyny tassyklaýar;

3) kadalaşdyryjy hukuk namalaryny tassyklaýar ;

4) Ygtyýarly edaranyň Düzgünnamasyny tassyklaýar;

5) kiber giňişliginde we kiberjenaýatçylyga garşy göreşde Türkmenistanyň milli bähbitlerini, adamyň we raýatyň hukuklaryny we azatlyklaryny goraýar;

6) kiberhowpsuzlygyň milli ulgamynyň işini gurnaýar we onuň işini zerur güýçler, serişdeler we gorlar bilen üpjün edýär;

7) milli telekommunikasiýa ulgamynyň işjeňliginiň we ony maliýeleşdirmegiň tertibini belleýär;

8) möhüm obýektlerde maglumat howpsuzlygyna döwlet gözegçiliginiň talaplaryny we tertibini belleýär;

9) möhüm obýektlerde maglumat howpsuzlygynyň garaşsyz audit ulgamynyň (bank ulgamyndaky auditden başgasy) işlemegi üçin kadalaşdyryjy we beýleki resminamalar bilen üpjün edýär, onuň geçirilmegine bildirilýän talaplary belleýär;

10) möhüm maglumat infrastrukturalarynyň obýektleriniň sanawyny döretmegiň we derejelendirmegiň tertibini, şeýle obýektleriň sanawyny we olary möhüm maglumat infrastrukturasynyň obýektleriniň Döwlet sanawyna goşmagyň tertibini, şeýle hem möhüm maglumat infrastrukturalarynyň (şol sanda Türkmenistanyň bank ulgamynda) obýektleriniň Döwlet sanawyny döretmegiň we onuň işjeňligini üpjün etmegiň tertibini tassyklaýar;

11) möhüm obýektleriň kibergoragyny üpjün etmek boýunça talaplary kiberhowplaryň görkezijilerini ulanmak arkaly belleýär;

12) Türkmenistanyň kanunçylygynda öz ygtyýarlylygyna degişli edilen beýleki wezipeleri amala aşyrýar.

**8-nji madda. Kiberhowpsuzlygy üpjün etmek babatda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň ygtyýarlylygy**

Kiberhowpsuzlygy üpjün etmek babatda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentligi:

1) ýeke-täk döwlet syýasatynyň amala aşyrylmagyny üpjün edýär;

2) döwlet maksatnamasynyň ýerine ýetirilmegini üpjün edýär;

3) kadalaşdyryjy hukuk namalaryny tassyklaýar;

4) Türkmenistanyň kanunçylygynda öz ygtyýarlylygyna degişli edilen beýleki wezipeleri amala aşyrýar.

**8$^{1}$-nji madda. Kiberhowpsuzlygy üpjün etmek babatda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň**

**ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň «Türkmenaragatnaşyk» agentliginiň ygtyýarlylygy**

Kiberhowpsuzlygy üpjün etmek babatda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň «Türkmenaragatnaşyk» agentligi:

1) ýeke-täk döwlet syýasatyny durmuşa geçirýär;

2) döwlet maksatnamalaryny durmuşa geçirýär;

3) kadalaşdyryjy hukuk namalaryny işläp taýýarlaýar;

4) Türkmenistanyň kanunçylygynda öz ygtyýarlylygyna degişli edilen beýleki wezipeleri amala aşyrýar.

**9-njy madda - 22.08.2020 ý. № 278-VI Türkmenistanyň Kanuny esasynda güýjüni ýitiren.**

### 10-njy madda. Kiberhowpsuzlygy üpjün etmek babatda Ygtyýarly edaranyň esasy wezipeleri we ygtyýarlylygy

1. Ygtyýarly edaranyň esasy wezipeleri kiberhowpsuzlygyň subýektleriniň işini utgaşdyrmakdan we oňa gözegçilik etmekden, maglumat giňişligine we möhüm maglumat infrastrukturalarynyň obýektlerine gönükdirilen kiberhowplary ýüze çykarmakdan, olaryň öňüni almakdan we olara garşy hereket etmekden ybaratdyr.

2. Ygtyýarly edara öz işini Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýan Düzgünnamanyň esasynda amala aşyrýar. Ygtyýarly edaranyň işini maliýeleşdirmegiň tertibi, zähmet haklarynyň çyzgydy Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda bellenilýär.

3. Ygtyýarly edaranyň ygtyýarlylygyna şular degişlidir:

1) kiberhowpsuzlygy üpjün etmek babatda döwlet syýasatyny durmuşa geçirmek;

2) maglumat infrastrukturalarynyň howpsuzlygyny üpjün etmekde döwlet düzgünleşdirmesini amala aşyrmak, kiberhowplary ýüze çykarmak, olaryň öňüni almak hem-de netijelerini aradan aýyrmak maksady bilen, degişli edaralaryň işine gözegçilik etmek we olaryň işini utgaşdyrmak;

3) milli elektron maglumat çeşmelerine, Türkmenistanyň maglumat giňişligine, şol sanda maglumat düzümlerine we segmentlerine (bank ulgamyndan başga) abanýan kiberhowplary ýüze çykarmak, olaryň öňüni almak we olary aradan aýyrmak boýunça işleri amala aşyrmak;

4) kiberhowpsuzlygy üpjün etmek ulgamynda milli kanunçylygy

kämilleşdirmäge, ýurduň maglumat infrastrukturalarynyň we durmuş-ykdysady taýdan ösüşiniň howpsuzlygynyň maglumat tehnologiýalaryny we programma üpjünçiligini döretmäge gatnaşmak;

5) kiberhowpsuzlygyň subýektleriniň, ýerine ýetiriji häkimiýetiň beýleki ýerli edaralarynyň, eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, ýuridik we fiziki şahslaryň kiberhowplar barada habarlylygyny üpjün etmek;

6) kiberhowpsuzlygy üpjün etmek ulgamynda hünärmenleriň okadylmagyny, olaryň hünär derejeleriniň kämilleşdirilmegini guramak;

7) kiberhowpsuzlygy üpjün etmek ulgamynda maslahat beriş we wagyz-nesihat işlerini guramak;

8) möhüm maglumat infrastrukturalarynyň obýektleriniň Döwlet sanawyny ýöretmek;

9) kiberhowpsuzlygy üpjün etmek boýunça halkara hyzmatdaşlygyny işjeň alyp barmak;

10) Türkmenistanyň kanunçylygynda öz ygtyýarlylygyna degişli edilen beýleki wezipeleri amala aşyrmak.

4. Kiberhadysalara garşy göreş alyp barmak maksady bilen, Ygtyýarly edara kiberhadysalara garşy hereket etmek boýunça Milli maglumat gözegçilik merkezini döredýär.

**11-nji madda. Kiberhadysalara garşy hereket etmek boýunça Milli maglumat gözegçilik merkeziniň wezipeleri**

1. Ygtyýarly edaranyň kiberhadysalara garşy hereket etmek boýunça Milli maglumat gözegçilik merkeziniň (mundan beýläk – Milli maglumat gözegçilik merkezi) esasy wezipeleri:

1) kiberhadysalar baradaky maglumatlary toplamak we olaryň seljermesini geçirmek, kiberhadysalaryň döwlet sanawyny ýöretmek;

2) kibergoragyň obýektleriniň eýelerine bu obýektler boýunça kiberhadysalary ýüze çykarmak, olaryň öňüni almak we netijelerini aradan aýyrmak meseleleri boýunça amaly taýdan kömek bermek;

3) kiberhowpsuzlygyň milli ulgamynyň subýektleri we kibergoragyň obýektleriniň eýeleri üçin kibergoragyň meseleleri boýunça amaly okuwlary guramak we geçirmek;

4) kiberhüjümleriň we kiberhowplaryň häzirki zaman görnüşlerine garşy göreş boýunça maslahatlary taýýarlamak we özüniň resmi saýtynda ýerleşdirmek;

5) hukuk goraýjy edaralar bilen bilelikde işlemek, kiberhüjüm barada olary öz wagtynda habarly etmek;

6) kiberhadysalara garşy hereketleri amala aşyrmak meseleleri

boýunça, hususan-da, agzalyk tölegleriniň tölenilmeginde Howpsuzlyk hadysalaryna jogap beriş toparlarynyň forumyna gatnaşmagyň çäklerinde daşary ýurt we halkara guramalary bilen bilelikde iş alyp barmak;

7) eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, kiber giňişliginiň howpsuzlygyny üpjün etmek bilen baglanyşykly işi amala aşyrýan beýleki kärhanalar, edaralar we guramalar bilen bilelikde iş alyp barmak;

8) kibergoragyň obýektleri boýunça kiberhadysalar barada raýatlardan alynýan maglumatlary gaýtadan işlemek;

9) kibergoragyň meselelerini çözmekde we kiberhowpa garşy göreşde döwlet edaralaryna, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryna, harby we hukuk goraýjy edaralara, eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, kärhanalara, edaralara we guramalara, şeýle hem Türkmenistanyň raýatlaryna ýardam etmek.

2. Milli maglumat gözegçilik merkeziniň işiniň üpjün edilmegi wezipe sanawynyň we maliýeleşdirmegiň bölünip berlen möçberleriniň çäklerinde Ygtyýarly edara tarapyndan amala aşyrylýar.

**12-nji madda. Kiberhowpsuzlygyň beýleki subýektleriniň ygtyýarlylygy**

1. Kiberhowpsuzlygy üpjün etmek boýunça öz ygtyýarlylygynyň çäklerinde çäreleri amala aşyrýan subýektlere şu aşakdakylar degişlidir:

1) ähli döwlet häkimiýet edaralary;

2) harby we hukuk goraýjy edaralar;

3) Türkmenistanyň Merkezi banky;

4) ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary;

5) möhüm obýektlere degişli edilen kärhanalar, edaralar, guramalar;

6) milli elektron maglumat çeşmeleri, maglumat elektron hyzmatlary, elektron geleşikleriň amala aşyrylmagy, elektron kommunikasiýalar, maglumatlaryň goragy we kibergorag bilen baglanyşykly işleri amala aşyrýan we (ýa-da) hyzmatlary ýerine ýetirýän beýleki hojalyk işini alyp barýan subýektler, raýatlar, jemgyýetçilik birleşikleri, beýleki şahslar.

2. Öz ygtyýarlylygynyň çäklerinde kiberhowpsuzlygy üpjün etmegiň subýektleri:

1) kiber giňişliginiň terrorçylyk, beýleki bikanun we jenaýatçylykly maksatlar üçin ulanylmagynyň öňüni almak boýunça çäreleri amala aşyrýar;

2) kiberhadysalary we kiberhüjümleri ýüze çykarmagy hem-de olara jogap hereketlerini ýerine ýetirmegi, olaryň netijelerini aradan aýyrmagy amala aşyrýar;

3) amala aşyrylan we mümkin bolan kiberhowplar barada maglumat alşygyny amala aşyrýar;

4) kiberhowpsuzlygy, kibergoranyşy we kibergoragy üpjün etmek ulgamynda guramaçylyk, bilim we beýleki çäreleri işläp taýýarlaýar we durmuşa geçirýär;

5) maglumat howpsuzlygynyň, şol sanda olaryň tabynlygyndaky obýektlerde we dolandyryşyna degişli obýektlerde auditiň geçirilmegini üpjün edýär;

6) kiber giňişliginiň ösdürilmegini we howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça beýleki çäreleri geçirýär.

3. Şu maddanyň birinji böleginde kesgitlenen subýektleriň kiberhowpsuzlygy üpjün etmek boýunça ygtyýarlylygy bilen bagly işleri amala aşyrýan jogapkär hünärmenleriň hünär synagy Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilen tertipde pudagara hünär synag topary tarapyndan amala aşyrylýar.

## III BAP. MÖHÜM OBÝEKTLER, KIBERHOWPSUZLYGYŇ MILLI ULGAMY

### 13-nji madda. Möhüm obýektler

1. Möhüm obýektlere eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, şu aşakdaky kärhanalar, edaralar we guramalar degişli edilip bilner:

1) ýangyç-energetika, dag-magdan gazyp alýan we senagatyň beýleki pudaklarynda, saglygy goraýyş, bilim, ylym, ulaglar, maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalary, elektron kommunikasiýalar, goranyş, kosmos pudaklarynda, şeýle hem bank we maliýe ulgamlarynda işleri amala aşyrýan we hyzmatlary ýerine ýetirýän;

2) ilatyň durmuş üpjünçiligi ulgamlarynda, şol sanda merkezleşdirilen suw üpjünçiligi, lagym suwlaryny äkidiji, elektrik energiýasy we gaz bilen üpjünçilik, azyk önümleriniň önümçiligi, oba hojalygy ulgamlarynda hyzmatlary ýerine ýetirýän;

3) jemagat, heläkçiliklerde halas ediş gulluklary, ilata gaýragoýulmasyz kömegi beriş gulluklary bolup durýan;

4) döwletiň ykdysadyýeti we howpsuzlygy üçin strategik ähmiýetli kärhanalaryň sanawyna goşulan;

5) howply tehnologiýaly we önümçilikli obýektler bolup durýan.

2. Kanunçylygyň talaplaryna laýyklykda, möhüm obýektleriň kommunikasiýa we tehnologiýa ulgamlarynyň kibergoragyny, tehnologik maglumatlaryň goragyny üpjün etmek, kiberhadysalar barada Milli maglumat gözegçilik merkezine habar berilmegi üçin, şeýle obýektlerde maglumat howpsuzlygynyň garaşsyz auditiniň geçirilmegini guramak üçin jogapkärçilik möhüm obýektlere degişli edilen kärhanalaryň, edaralaryň we guramalaryň eýeleriniň we (ýa-da) ýolbaşçylarynyň üstüne ýüklenilýär.

3. Hyzmatlary ýerine ýetirmek, önümçilik ýa-da beýleki maksatlar bilen awtomatlaşdyrylan dolandyryş ulgamlaryny, maglumat we telekommunikasiýa ulgamlaryny ulanýan ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary, şeýle hem fiziki we ýuridik şahslar kiberhowpsuzlygy üpjün etmek maksady bilen, hukuk, guramaçylyk we tehniki çäreleri görmäge borçludyrlar. Ulgamlary we maglumatlary bikanun elýeterlilikden, ýok edilmekden özgerdilmekden, böwetlenmekden, nusgasyny almakdan, berilmekden, ýaýradylmakdan, şeýle hem beýleki bikanun hereketlerden goramak bu çäreleriň düzümine girýär we olar talaplara laýyklykda maglumaty goramak hem-de kiberhowpsuzlygy üpjün etmek çygrynda ygtyýarly edaralar bilen ylalaşmak esasynda ýerine ýetirilýär.

4. Ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary, şeýle hem fiziki we ýuridik şahslar awtomatlaşdyrylan dolandyryş ulgamlaryny, maglumat we telekommunikasiýa ulgamlarynyň ulanylmagy göz öňünde tutulýan işler taslamalaşdyrylyp başlanan pursadyndan kiberhowpsuzlygy üpjün etmek boýunça çäreleri görmäge borçludyrlar. Bu çäreler talaplara laýyklykda maglumaty goramak hem-de kiberhowpsuzlygy üpjün etmek ulgamynda ygtyýarly edaralar bilen ylalaşmak esasynda ýerine ýetirilýär.

5. Awtomatlaşdyrylan dolandyryş ulgamlaryna, maglumat we telekommunikasiýa ulgamlaryna eýe bolan ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary, fiziki we ýuridik şahslar şu aşakdaky wezipeleri ýerine ýetirýän, kiberhüjümleri ýüze çykarýan, olaryň öňüni alýan we netijelerini aradan aýyrýan ulgamlary ornaşdyrmaga borçludyrlar:

1) maglumatlara ygtyýarsyz aralaşmagyň we olaryň maglumatlara ygtyýarlyk hukugy bolmadyk adamlara berilmeginiň öňüni almak;

2) maglumatlara ygtyýarsyz elýeterlilik hadysalarynyň bolandygyny öz wagtynda ýüze çykarmak;

3) maglumatlara ygtyýarlygyň tertibiniň bozulmagynyň ýaramaz netijelerini duýdurmak;

4) maglumatlary gaýtadan işleýän tehniki serişdeleriň işiniň bozulmagyna getirýän täsir etmelere ýol bermezlik;

5) maglumatlara ygtyýarsyz elýeterligiň netijesinde üýtgedilen ýa-da ýok edilen maglumatlary bada-bat dikeltmek;

6) maglumatlaryň goraglylyk derejesiniň üpjün edilmegine hemişelik gözegçilik;

7) Ygtyýarly edara bilen utgaşykly işleri alyp barmak.

6. Düzüminde şahsy maglumatlar bolan kiberhadysalar hakyndaky maglumatlary alyşmak maglumat we onuň goragy babatda Türkmenistanyň kanunçylygynyň talaplaryna laýyklykda amala aşyrylýar.

**14-nji madda. Kiberhowpsuzlygyň milli ulgamy**

1.Kiberhowpsuzlygyň milli ulgamyny Ygtyýarly edara bilen bilelikde öz ygtyýarlylygynyň çäklerinde Türkmenistanyň degişli ministrlikleri we pudaklaýyn dolandyryş edaralary, şol sanda Türkmenistanyň Merkezi banky döredýärler.

2. Türkmenistanyň Merkezi banky Ygtyýarly edara bilen bilelikde öz ygtyýarlylygynyň çäklerinde şulary amala aşyrýar:

1) Türkmenistanyň bank ulgamynda we serişdeleri geçirýän subýektler üçin kibergoragy hem-de maglumat howpsuzlygyny üpjün etmegiň tertibini, talaplaryny we çärelerini kesgitlemegi hem-de olaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmegi;

2) Türkmenistanyň Merkezi bankynyň kibergorag merkezini döretmegi we Türkmenistanyň bank ulgamynda kibergorag ulgamynyň işine gözegçilik etmegi;

3) Türkmenistanyň bank ulgamynda möhüm obýektlerde kibergoragyň ýagdaýynyň bahalandyrylmagynyň we maglumat howpsuzlygynyň auditiniň geçirilmeginiň üpjün edilmegini.

3. Milli kiberhowpsuzlyk ulgamynyň işi şular arkaly üpjün edilýär:

1) kiber giňişligini ösdürmäge gönükdirilen kiberhowpsuzlyk ulgamyndaky döwlet syýasatyny işläp taýýarlamak we ony üýtgäp duryan şertlere dessin uýgunlaşdyrmak;

2) kiberhowpsuzlygy üpjün etmek ulgamynda düzgünleşdiriji hukuk we adalgalar binýadyny döretmek, halkara standartlaryna laýyklykda, elektron kommunikasiýalar, maglumatlary goramak, maglumat howpsuzlygy we kiberhowpsuzlyk ulgamynda düzgünleşdiriji resminamalary sazlaşdyrmak;

3) möhüm maglumat infrastrukturasynyň obýektleriniň, şol sanda

olar döredilende, ulanylyşa girizilende, ulanylanda we döwrebaplaşdyrylanda halkara standartlarynyň we düzümine möhüm maglumat infrastrukturasynyň obýektleri girýän pudagyň aýratynlygyny göz öňünde tutmak bilen, maglumat howpsuzlygyna bildirilýän hökmany talaplary bellemek;

4) elektron kommunikasiýalar, maglumatlaryň goragy we kibergorag ulgamynda bäsdeşlik gurşawyny kemala getirmek;

5) kiberhowpsuzlygy üpjün etmek ulgamynda konseptual resminamalaryň taslamalaryny taýýarlamaga ylmy edaralaryň, hünär we jemgyýetçilik birleşikleriniň ekspert mümkinçiliklerini işe çekmek;

6) kiber giňişliginde adatdan daşary ýagdaýlar we hadysalar dörände edilmeli hereketler boýunça türgenleşik okuwlaryny geçirmek;

7) maglumat howpsuzlygynyň audit ulgamynyň işlemegi, kiberhowpsuzlyk we kibergorag meseleleri boýunça öňdebaryjy dünýä tejribelerini hem-de halkara standartlaryny işe ornaşdyrmak;

8) kompýuter ulgamy arkaly ýüze çykýan adatdan daşary ýagdaýlara jogap hereketleriniň edilmeginiň buýrujylar toplumyny ösdürmek;

9) maglumatlaryň tehniki we kriptografik goragy ulgamyny ösdürmek we kämilleşdirmek;

10) döwlet maglumat çeşmeleriniň we maglumatlaryň goragy boýunça kanunçylygyň talaplarynyň berjaý edilmegini üpjün etmek;

11) kanunçylykda bellenen tertipde kiberhowpsuzlygy üpjün etmegiň subýektleriniň arasynda kiberhowpsuzlygyň hadysalary baradaky maglumatlary alyşmak;

12) kiberhowpsuzlyk we kibergorag meseleleri boýunça halkara standartlarynyň göz öňünde tutulmagynda kiberhowplaryň görkezijileriniň bitewi ulgamyny ornaşdyrmak;

13) kiberhüjümlere we kiberhadysalara garşy dessin hereketleri etmäge gönükdirilen kibergoragyň çäreleriniň, güýçleriniň we serişdeleriniň toplumy hökmünde kiberhowpsuzlygyň milli ulgamynyň guramaçylyk-tehniki nusgasyny ornaşdyrmak;

14) döwlet edaralary tarapyndan Internet toruny howpsuz ulanmak we elektron hyzmatlary ýerine ýetirmek boýunça talaplary (kadalary, düzgünleri) bellemek;

15) möhüm obýektlere abanýan kiberhowplaryň öňüni almakda, kiberhüjümlere we kiberhadysalara garşy hereketleri etmekde, olaryň netijelerini aradan aýyrmakda, şol sanda ýagdaýlaryň ýitileşmegi, adatdan daşary we harby ýagdaý şertlerinde döwlet we hususy ulgamyň

bilelikde işleşmegini üpjün etmek;

16) kiberhowpsuzlygyň milli ulgamyna döwürleýin syn berip, gözegçilikden geçirmek, kiberhowpsuzlygyň ýagdaýynyň görkezijilerini işläp taýýarlamak;

17) elektron kommunikasiýalary, maglumat tehnologiýalaryny ösdürmek, maglumatlaryň goragy we kibergorag ulgamynda uzak möhletleýin meýilnamalaşdyrmagy we maksatlaýyn programma üpjünçiligini amala aşyrmak;

18) Türkmenistanyň kiberhowpsuzlygyny üpjün etmekde mümkinçiliklerini güýçlendirmek, kiber giňişliginiň ulanylmagynda ynanyşmagy berkitmek boýunça çärelere gatnaşmak maksady bilen, Türkmenistanyň milli bähbitlerine, Türkmenistanyň halkara guramalar bilen hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmagyna laýyk gelýän, kiberhowpsuzlygy üpjün etmek ulgamynda, bu ulgamda halkara başlangyçlaryny goldamakda halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmek;

19) kiber giňişliginiň ulanylmagynda döwletiň goranyş ukybynyň we milli howpsuzlygynyň mümkinçiliklerini giňeltmek üçin harby-syýasy, harby-tehniki we beýleki çäreleri amala aşyrmak, kiber giňişliginiň ulanylmagynda harby çaknyşyklara we howplara gaýtawul bermegiň serişdesi hökmünde ulanylyp bilinjek kiber giňişligindäki çozuşa mümkin bolan garşy hereketleriň güýçlerini, serişdelerini we gurallaryny döretmek hem-de ösdürmek;

20) döwlet gözegçiligindäki islendik hojalyk işlerini alyp barýan subýektleriň maglumat howpsuzlygyny we kiberhowpsuzlygyny üpjün etmek boýunça çärelere gatnaşmagyny çäklendirmek, şeýle hem döwlet maglumat çeşmeleriniň tehniki we kriptografik goragyny üpjün etmek üçin şeýle subýektleriň önümleriniň, tehnologiýalarynyň we hyzmatlarynyň ulanylmagyny çäklendirmek, bu ulgamda döwlet gözegçiligini güýçlendirmek;

21) kiber giňişliginiň ulanylmagynda Türkmenistanyň howpsuzlygyna abanýan daşky we içki howplaryň öňüni almaga, öz wagtynda ýüze çykarylmagyna we olara garşy hereketleriň edilmegine gönükdirilen kiberhowplara garşy üpjünçilik ulgamyny ösdürmek, şeýle howplara ýardam edýän şertleri we olaryň döremeginiň sebäplerini aradan aýyrmak;

22) kiber giňişliginde Türkmenistanyň milli howpsuzlygyna abanýan howplary ýüze çykarmak we olara garşy hereket etmek, kiberhowpsuzlyk ulgamyna degişli beýleki wakalary we ýagdaýlary ýüze çykarmak boýunça çäreleri geçirmek.

4. Milli telekommunikasiýa ulgamynyň işiniň tertibi, býujet ulgamynyň ulanyjylary üçin hyzmatlary ýerine ýetirmegiň görkezijileri, kadalary we talaplary, olaryň nyrh sanawy, milli telekommunikasiýa ulgamyny saklamak üçin döwlet býujetiniň harajatlarynyň öwezini dolmagyň tertibi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanýar.

5. Kiberhowpsuzlygyň milli ulgamynyň düzüm bölegi hökmünde kiberhowpsuzlygyň guramaçylyk-tehniki nusgasyny ornaşdyrmak, Internet toruna döwlet edaralarynyň goragly elýeterliligi ulgamynyň esasy düzüm bölekleriniň, maglumat çeşmeleriniň antiwirus gorag ulgamyny möhüm maglumat infrastrukturalarynyň obýektleriniň maglumat howpsuzlygynyň we kibergoragynyň ýagdaýynyň auditiniň, kibergoragynyň obýektleri boýunça kiberhadysalara we kiberhüjümlere garşy gowşaklyklary ýüze çykarmagyň we olara garşy hereket etmegiň ulgamynyň, kompýuter ulgamyndaky adatdan daşary wakalara garşy hereket etmegiň buýruklarynyň bilelikde işleşmek ulgamynyň döredilmegi we olaryň işjeňliginiň üpjün edilmegine gözegçilik Ygtyýarly edara tarapyndan amala aşyrylýar, şeýle hem ol kiberhowpsuzlygy üpjün etmegiň beýleki subýektleri bilen bilelikde işleşilmeginde kiberhowplara garşy hereketleriň ssenarisini (mazmunlaýyn ýazgysyny), şeýle howplara garşy göreş boýunça çäreleri, kiberhowpsuzlyk boýunça okuw türgenleşiklerini geçirmegiň maksatnamalaryny we usulyýetlerini işläp taýýarlaýar.

### 15-nji madda. Kiberhowpsuzlygy üpjün etmek ulgamynda döwlet-hususy hyzmatdaşlygy

1. Kiberhowpsuzlygy üpjün etmek ulgamynda döwlet-hususy hyzmatdaşlygy şu aşakdakylar arkaly amala aşyrylýar:

1) kiberhowplary öz wagtynda ýüze çykarmak, olaryň öňüni almak we olary ýok etmek ulgamyny döretmek;

2) raýatlaryň sanly ulgam boýunça sowatlylygyny we kiber giňişliginde özüňi alyp barmagyň howpsuzlyk medeniýetini ýokarlandyrmak, kiberhowpsuzlygyň maksatlaryny goldamak, kiberhowplary we kibergorag barada jemgyýetiň habarlylyk derejesini ýokarlandyrmak boýunça döwlet we jemgyýetçilik taslamalaryny durmuşa geçirmek üçin zerur toplumlaýyn bilimleri, endikleri we başarnyklary kämilleşdirmek;

3) möhüm obýektlere abanýan kiberhowplar, beýleki kiberhowplar, kiberhüjümler we kiberhadysalar barada döwlet

edaralarynyň, hususy pudagyň we raýatlaryň arasynda maglumat alyşmak;

4) kompýuter ulgamyndaky adatdan daşary wakalara jogap hereketleriniň buýruklarynyň (komandalarynyň) hyzmatdaşlygy we utgaşyklygy;

5) kiberhowpsuzlygy üpjün etmek ulgamynda möhüm pudaklaýyn taslamalary we düzgünleşdiriji resminamalary taýýarlamaga ylmy edaralaryň, hünär birleşikleriniň we jemgyýetçilik guramalarynyň ekspert mümkinçiliklerini işe çekmek;

6) kiberhüjümlere jogap hereketleriniň meseleleri boýunça maslahat beriş we amaly kömegi bermek;

7) Internet torunda howpsuzlygy üpjün etmek maksady bilen, raýatlar, senagatyň we işewürligiň wekilleri üçin başlangyçlar bilen çykyş etmek hem-de abraýly maslahat beriş nokatlaryny döretmek;

8) kiberhowpsuzlygy üpjün etmek boýunça çäreleriň netijeliligi üçin jemgyýetçilik gözegçiligini ornaşdyrmak;

9) kiberhowpsuzlyk meseleleri boýunça hünärmenleri taýýarlamagyň we işiň dürli ugurlarynda hünärmenleriň ygtybarlylygyny ýokarlandyrmagyň ulgamyny döretmek;

10) kiber giňişliginde kibergorag boýunça çäreleri geçirmek maksady bilen, raýatlar, jemgyýetçilik birleşikleri, maglumat tehnologiýalar ugry boýunça iş alyp barýan kompaniýalar bilen hyzmatdaşlyk etmek.

2. Kiberhowpsuzlygy üpjün etmek ulgamynda döwlet-hususy hyzmatdaşlyk aýry-aýry obýektler we işiň aýry-aýry görnüşleri babatda kanunçylykda bellenen hukuk düzgüniniň aýratynlyklarynyň göz öňünde tutulmagynda amala aşyrylýar.

### 16-njy madda. Türkmenistanyň kiberhowpsuzlygyny üpjün edýän subýektlere ýardam etmek

Döwlet edaralary we ýerli öz-öziňi dolandyryş edaralary, olaryň wezipeli adamlary, eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, kärhanalar, edaralar we guramalar, raýatlar, jemgyýetçilik birleşikleri kiberhowpsuzlygy üpjün edýän subýektlere ýardam bermäge, kiber giňişligiň ulanylmagynda milli howpsuzlyga abanýan howplar ýa-da kiberhowpsuzlygyň obýektlerine abanýan islendik beýleki kiberhowplar, kiberhüjümler we (ýa-da) ýagdaýlar barada, şeýle howplaryň öňünden duýdurylmagyna, ýüze çykarylmagyna we öňüniň alynmagyna, kiberjenaýatçylyga, kiberhüjümlere garşy hereket edilmegine we olaryň

netijelerini peseltmäge ýardam edip biljek özlerine mälim bolan maglumatlary habar bermäge borçludyrlar.

**17-nji madda. Kiberhowpsuzlyk çäreleriniň maliýe üpjünçiligi**

1. Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdeleri, hojalyk işini ýöredýän subýektleriň özbaşdak serişdeleri, banklaryň karzlary, halkara tehniki kömege degişli serişdeler (grant) we Türkmenistanyň kanunçylygynda gadagan edilmedik beýleki çeşmeler kiberhowpsuzlygy we kibergoragy üpjün etmek boýunça işleri hem-de çäreleri maliýeleşdirmegiň çeşmeleri bolup durýar.

2. Şu Kanunyň 12-nji maddasynyň birinji böleginde kesgitlenen subýektleriň kiberhowpsuzlygy we kibergoragy üpjün etmek bilen bagly işleri amala aşyrýan jogapkär hünärmenlerine bellenilen aýlyk wezipe haklary we her aýda aýlyk zähmet hakynyň otuz göterim möçberinde goşmaça hak tölenilýär.

**18-nji madda. Kiberhowpsuzlygy üpjün etmek babatda halkara hyzmatdaşlygy**

1. Türkmenistan kiberhowpsuzlygy üpjün etmek babatda daşary ýurt döwletleri, olaryň hukuk goraýjy edaralary we ýörite gulluklary, şeýle hem halkara kiberjenaýatçylyga garşy göreş alyp barýan halkara guramalar bilen hyzmatdaşlygy Türkmenistanyň halkara şertnamalaryna laýyklykda amala aşyrýar.

2. Daşary syýasatda Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, kiberhowpsuzlygy üpjün edýän subýektler öz ygtyýarlylygynyň çäklerinde gös-göni ikitaraplaýyn ýa-da köptaraplaýyn esasda kiberhowpsuzlyk babatda halkara hyzmatdaşlygy amala aşyryp bilerler.

**19-njy madda. Türkmenistanyň kiberhowpsuzlygyny üpjün etmek boýunça çäreleriň kanunylygyna gözegçilik**

1. Kiberhowpsuzlygyň subýektleriniň işine gözegçiligi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti amala aşyrýar.

2. Ygtyýarly edara döwletiň kiberhowpsuzlygyny üpjün etmegiň meseleleri boýunça çäreleriň ýerine ýetirilişiniň ýagdaýy barada ýylda bir gezek Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine hasabat berýär.

## IV BAP. JEMLEÝJI DÜZGÜNLER

**20-nji madda. Jedellere seredilmegi**

Kiberhowpsuzlygy üpjün etmek bilen baglanyşykly ýüze çykýan jedellere Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde seredilýär.

**21-nji madda. Şu Kanunyň bozulandygy üçin jogapkärçilik**

Şu Kanunuň bozulmagy Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen jogapkärçilige eltýär.

**22-nji madda. Şu Kanunyň herekete girmegi**

Şu Kanun resmi taýdan çap edilen gününden herekete girizilýär.

**Türkmenistanyň Prezidenti** **Gurbanguly Berdimuhamedow**

*Aşgabat şäheri.*
*2019-njy ýylyň 6-njy sentýabry.*
*№ 171-VI.*